**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.**

#27 (310)

пятница, 24 июля 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

# Международные новости



## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**24-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.**

Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, Mejlisde adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň, kanuny bähbitleriniň goralmagy, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň döwlet belligine alynmagy, döwletimiziň halkara resminamalara goşulmagyny hukuk taýdan goldamak boýunça Türkmenistanyň Kanunlarynyň taslamalaryny taýýarlamak, hereket edýän birnäçe kanunçylyk namalaryna döwrebap üýtgetmeleri, goşmaçalary girizmek boýunça degişli işler geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny berkitmek, kanunçylyk namalaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Türkmenistanyň maýa goýum forumyny geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň degişli Kararyna laýyklykda, bu forumy şu ýylyň oktýabrynda Aşgabatda geçirmek meýilleşdirilýär. Maýa goýum forumynda we ugurdaş çärelerde Türkmenistanyň ykdysady ösüşi, maýa goýum babatda özüne çekijiligi, ýangyç-energetika, senagat pudaklarynyň ähmiýetli ugurlary, ygtybarly ulag-aragatnaşyk ulgamlarynyň ösüşi, durnukly ösüş üçin sanly we «ýaşyl» özgertmeler, sanly maliýe tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, agrotelekeçilik, howanyň üýtgemegine durnukly oba hojalyk ulgamy, daşky gurşawy goramak, söwda we hyzmatlar ulgamlarynyň ösüşi, halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygyň ugurlary, döwlet-hususy hyzmatdaşlygyny ösdürmek, ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna gönükdirilen strategik ugurlar boýunça meseleleri ara alyp maslahatlaşmak göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli ykdysadyýetimize daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy hem-de şu ýylyň oktýabrynda Aşgabatda Türkmenistanyň maýa goýum forumyny geçirmek barada taýýarlanylan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlar boýunça hasabatlary berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň awgust aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, geljek aýyň dowamynda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy mynasybetli dürli dabaralaryň, sergileriň, maslahatlaryň, wagyz-nesihat çäreleriniň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Tomusky dynç alyş möwsüminde çagalaryň arasynda medeni-köpçülikleýin çäreleriň, dödedijilik, zehin bäsleşikleriniň, sport ýaryşlarynyň, çeper okaýyşlaryň, milli oýunlar boýunça bäsleşikleriň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Ýurdumyzyň taryhy-medeni ýadygärlikler toplumlarynda «Taryhy ýadygärlikleriň ata-babalarymyzdan miras galan gymmatlyklary öwrenmekdäki orny» atly meýdan şertlerindäki okuw maslahatlarynyň, «Köpetdag» döwlet tebigy goraghanasynda bolsa «Köpetdagyň tebigy gözellikleri» atly maslahatyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň arasynda yglan edilen «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşiginiň Lebap we Mary welaýatlary boýunça jemleýji tapgyrlarynyň, «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyrynyň geçirilmegi meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzda köp sanly çäreleriň geçirilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere awgust aýyndaky çärelere gowy taýýarlyk görmegi hem-de olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow Abu-Dabi welosport klubunyň hem-de ýurdumyzyň welosport boýunça ýygyndy toparynyň türgenleriniň bilelikdäki okuw-türgenleşik ýygnanyşygyny geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda sporty ösdürmek, zehinli türgenleri ýüze çykarmak boýunça işleriň alnyp barylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz Aşgabat şäherinde welosport boýunça bilelikdäki okuw-türgenleşigini guramaçylykly geçirmek babatda beýan edilen teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 81-nji sessiýasynda Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlary barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmäge, ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge möhüm ähmiýet berýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz taýýarlanylan teklipleri goldap, wise-premýer, daşary işler ministrine Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 81-nji sessiýasyna gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew demir ýol ulagy pudagyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda demir ýol ulagy pudagyny döwrebaplaşdyrmak boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz Ahal, Balkan we Mary welaýatlarynda demir ýol stansiýalarynyň döwrebap binalaryny gurmak boýunça taýýarlanylan teklipleri makullap, wise-premýere zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ГРУЗИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Грузии Михаилу Кавелашвили по случаю его 55-летнего юбилея.

Как отметил глава государства, дружественные отношения между Туркменистаном и Грузией, основанные на принципах взаимного уважения, доверия и равноправного сотрудничества, последовательно развиваются по широкому спектру направлений.

«С особой теплотой вспоминаю нашу встречу, прошедшую в атмосфере взаимопонимания и доверия в городе Тбилиси в рамках недавнего государственного визита в Грузию. Пользуясь случаем, ещё раз выражаю Вам искреннюю признательность за оказанное гостеприимство и радушный приём. Мы высоко ценим Ваш личный вклад в развитие туркмено-грузинских отношений. Убеждён, что благодаря нашим совместным усилиям двустороннее сотрудничество будет и впредь укрепляться на благо наших народов», – говорится в послании главы Туркменского государства.

В этот знаменательный день Президент Туркменистана выразил Президенту Грузии Михаилу Кавелашвили пожелания крепкого здоровья, неиссякаемой энергии и новых успехов в ответственной государственной деятельности, а дружественному народу Грузии – мира, благополучия и дальнейшего процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ИТАЛЬЯНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Итальянской Республики Серджо Маттарелле по случаю 85-летнего юбилея.

«Мы высоко ценим дружественные отношения между нашими странами и убеждены в их дальнейшем развитии и укреплении на благо народов Туркменистана и Италии», – подчеркнул в своём послании глава государства.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Серджо Маттарелле искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Италии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА АРАБСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ЕГИПЕТ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Арабской Республики Египет Абделю Фаттаху Аль-Сиси по случаю национального праздника – Дня революции.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Абделю Фаттаху Аль-Сиси искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Арабской Республики Египет – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ УЗБЕКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Узбекистан Шавкату Мирзиёеву по случаю его дня рождения.

«Благодаря проводимой Вами мудрой политике Узбекистан непрерывно развивается и укрепляет свой авторитет на международной арене. Высоко ценим Ваш личный вклад в развитие традиционно дружественных отношений и всестороннего стратегического партнёрства между Туркменистаном и Республикой Узбекистан», – подчеркнул глава государства в своём послании.

Как отметил Президент Сердар Бердымухамедов, отношения между нашими народами, основанные на общих историко-культурных и духовных ценностях, служат ярким примером истинного братства, и выразил убеждённость, что они и впредь будут укрепляться во благо наших народов.

Пользуясь приятной возможностью, Президент Туркменистана искренне пожелал Президенту Шавкату Мирзиёеву здоровья, счастья и успехов в ответственной государственной деятельности, а народу Узбекистана – мира и процветания.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BMG-NIŇ TÜRKMENISTANDAKY HEMIŞELIK UTGAŞDYRYJYSYNY KABUL ETDI



2026-njy ýylyň 20-nji iýulynda Prezident Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Türkmenistanda täze bellenilen hemişelik utgaşdyryjysy Sýaoszýun Greýs Wany kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Diplomat mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimiz bilen duşuşmagyň özi üçin uly hormatdygyny aýtdy. Sýaoszýun Greýs Wan döwlet Baştutanymyzyň başda durmagynda Türkmenistanyň ösüşiň we özgertmeleriň ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň döwlet Baştutanymyza, Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Sýaoszýun Greýs Wany Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy wezipesine bellenilmegi bilen tüýs ýürekden gutlap, oňa Türkmenistan bilen Milletler Bileleşiginiň arasynda ýola goýlan netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmekde alyp barjak jogapkärli diplomatik wezipesinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Baş sekretar Antoniu Guterrişe iň gowy arzuwlaryny beýan edip, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi Milletler Bileleşigi tarapyndan üç gezek ykrar edilen Türkmenistanyň dünýä döwletleri we abraýly halkara guramalar bilen gatnaşyklary yzygiderli ösdürýändigini belledi.

Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen işjeň gatnaşyk etmek Bitarap döwletimiziň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýurdumyz bilen BMG-niň arasyndaky gatnaşyklaryň yzygiderli we ýokary netijeli häsiýetini kanagatlanma bilen belledi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow geçen ýyl ýurdumyzda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň, 2025-nji ýylyň "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýlip yglan edilmegi we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara çäreleriň ýokary derejede geçirilendigini aýdyp, bu gurama bilen hyzmatdaşlygyň gün tertibinde "Türkmenistan — Birleşen Milletler Guramasy" strategik maslahat beriş geňeşine uly orun berilýändigini nygtady.

"Ýurt meýilnamalaryna esaslanýan köpýyllyk hyzmatdaşlykda ýurdumyzda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen birnäçe bilelikdäki taslamalary üstünlikli durmuşa geçirdik we geçirýäris. Häzirki wagtda hyzmatdaşlygymyz "Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ulgamynda hyzmatdaşlyk etmegiň 2026 — 2030-njy ýyllar üçin Çarçuwaly maksatnamasynyň" çäklerinde amala aşyrylýar. Maksatnama ýurdumyzyň BMG bilen uzak möhletli hyzmatdaşlygynyň yzygiderli alnyp barylýandygyny görkezýär" diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we Türkmenistanyň halkara gün tertibiniň derwaýys meselelerini çözmekde Birleşen Milletler Guramasynyň oňyn ornuna ýokary baha berýändigini belledi.

Sýaoszýun Greýs Wan Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasyna wekilçilik etmegiň özi üçin uly hormatdygyny aýdyp, ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow Sýaoszýun Greýs Wanyň alyp barjak jogapkärli işiniň Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, Durnukly ösüş maksatlaryny ilerletmäge uly goşant goşjakdygyna ynam bildirip, diplomata ýene-de bir gezek işinde üstünlikleri arzuw etdi.

## ТЕЛЕФОННЫЙ РАЗГОВОР МЕЖДУ НАЦИОНАЛЬНЫМ ЛИДЕРОМ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЕМ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА И ПРЕЗИДЕНТОМ РЕСПУБЛИКИ УЗБЕКИСТАН

24 июля 2026 года состоялся телефонный разговор Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова с Президентом Республики Узбекистан Шавкатом Мирзиёевым.

Герой-Аркадаг от всей души поздравил главу дружественного государства с днём рождения, пожелав Президенту Шавкату Мирзиёеву крепкого здоровья, долгих лет жизни, неисчерпаемой энергии и успехов в ответственной государственной деятельности. Председатель Халк Маслахаты Туркменистана также передал узбекскому лидеру тёплые приветствия и искренние поздравления по случаю дня рождения от Президента Сердара Бердымухамедова.

Выразив искреннюю признательность главе Туркменского государства и Герою-Аркадагу за тёплые поздравления и добрые пожелания, а также за особое внимание, уделяемое развитию двустороннего сотрудничества, Президент Узбекистана с удовлетворением отметил, что в настоящее время партнёрство между двумя странами, основанное на традиционных узах дружбы, доверия и взаимопонимания, вышло на качественно новый уровень. Пользуясь случаем, глава дружественного государства попросил Героя-Аркадага передать тёплые приветствия и наилучшие пожелания Президенту Сердару Бердымухамедову.

«В такой знаменательный день говорят об успехах, хороших результатах, благородных начинаниях и планах. И всё это у Вас есть», – сказал Герой-Аркадаг, отметив, что государственная политика, проводимая Президентом Шавкатом Мирзиёевым, приносит свои результаты, наполняет новым содержанием жизнь узбекского общества и каждого гражданина, а также обеспечивает реализацию огромного духовно-культурного и материального потенциала узбекского народа.

## МИНИСТР ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА ВСТРЕТИЛСЯ СО СПЕЦИАЛЬНЫМ ПРЕДСТАВИТЕЛЕМ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ООН

21 июля 2026 года в МИД Туркменистана состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова со Специальным представителем Генерального секретаря Организации Объединённых Наций, Главой Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии Каха Имнадзе.



В ходе встречи стороны обсудили текущее состояние и перспективы взаимодействия между Туркменистаном и Региональным центром ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии.

Собеседники подчеркнули значимость Регионального центра как уникальной платформы для развития превентивной дипломатии, укрепления региональной безопасности, доверия и взаимопонимания между государствами Центральной Азии. Особое внимание было уделено вопросам дальнейшего совершенствования регионального взаимодействия, продвижения культуры мира и диалога, а также совместной реализации инициатив, направленных на обеспечение мира, безопасности и устойчивого развития в регионе.

В ходе обмена мнениями были рассмотрены вопросы подготовки и проведения предстоящих совместных мероприятий, а также взаимодействия в рамках реализации региональных программ и проектов под эгидой ООН.

По завершении встречи стороны выразили уверенность в дальнейшем поступательном развитии взаимовыгодного сотрудничества.

## ПОСОЛ США В ТУРКМЕНИСТАНЕ ЗАВЕРШАЕТ СВОЮ ДИПЛОМАТИЧЕСКУЮ МИССИЮ

18 июля 2026 года министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов встретился с Чрезвычайным и Полномочным Послом Соединенных Штатов Америки в Туркменистане Элизабет Руд, которая завершает свою дипломатическую деятельность в стране.



В ходе встречи стороны отметили положительную динамику развития туркмено-американского сотрудничества в последние годы. Было подчеркнуто, что важную роль в укреплении двусторонних отношений играют контакты и визиты на высшем и высоком уровнях.

Собеседники обсудили текущее состояние взаимодействия между Туркменистаном и США, а также перспективы дальнейшего сотрудничества в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

В завершение переговоров глава внешнеполитического ведомства поблагодарил Посла за вклад в развитие партнерских отношений между двумя государствами и пожелал ей успехов в дальнейшей профессиональной деятельности.

Со своей стороны посол выразила искреннюю признательность руководству страны за поддержку и содействие, оказанные ей на протяжении всего периода дипломатической службы в Туркменистане.



## ISSUES OF TURKMENISTAN–USA COOPERATION DISCUSSED

On 22 July 2026, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov had a meeting with Kristin Hawkins, Chargé d'Affaires ad interim of the Embassy of the United States of America in Turkmenistan.

During the meeting, the sides discussed current issues of bilateral cooperation, including the development of political-diplomatic dialogue, cooperation in trade-economic, as well as cultural-humanitarian spheres, and exchanged views on regional and international issues of mutual interest.

The interlocutors reaffirmed their mutual interest in further strengthening constructive Turkmen-U.S. cooperation.

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRINIŇ BMG-NIŇ TÜRKMENISTANDAKY TÄZE HEMIŞELIK UTGAŞDYRYJYSY BILEN DUŞUŞYGY

2026-njy ýylyň 20-nji iýulynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow BMG-niň Türkmenistandaky täze Hemişelik utgaşdyryjysy Sýaoszýun Wan bilen duşuşdy.

Ministr Sýaoszýun Wany jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen gutlady hem-de Türkmenistanyň we BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga gönükdirilen işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda taraplar Türkmenistanyň BMG-niň ulgamy bilen özara gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýyny we geljekki ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar, hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini hem-de ileri tutulýan ugurlar boýunça bilelikdäki işleriň ähmiýetini bellediler.



Aýratyn üns durnukly ösüş ulgamynda hyzmatdaşlygyň 2026 — 2030-njy ýyllar üçin Çarçuwaly maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine, Türkmenistanyň Durnukly ösüş maksatlarynyň durmuşa geçirilişi boýunça Meýletin milli synynyň taýýarlanylmagyna, şeýle hem «Türkmenistan – BMG» Strategik maslahat beriş geňeşiniň işine gönükdirildi.

Taraplar Türkmenistanyň milli ileri tutulýan ugurlaryna we durnukly ösüş boýunça ählumumy wezipelere laýyk gelýän täze bilelikdäki başlangyçlary işläp taýýarlamaga gyzyklanma bildirip, Türkmenistanyň BMG-niň çäklerindäki halkara başlangyçlaryny öňe sürmegiň, şeýle hem Awaza syýasy Jarnamasyny we 2024–2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyny yzygiderli durmuşa geçirmegiň möhümdigini bellediler.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de yzygiderli ösdüriljekdigine ynam bildirildi.



# REGULAR MEETING OF THE INTERDEPARTMENTAL COMMISSION OF TURKMENISTAN ON CASPIAN SEA ISSUES WAS HELD

On 18 July 2026, the 65th meeting of the Interdepartmental Commission of Turkmenistan on Caspian Sea issues was held at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

During the meeting, a report was presented on the results of the work carried out in January–June of the current year in accordance with the 2026 Action Plan of the Interdepartmental Commission of Turkmenistan on Caspian Sea issues.

The participants also discussed draft documents related to the Caspian Environmental Summit, which is scheduled to be held in October 2026 in the Avaza National Tourist Zone.

The speakers highlighted the productive nature of Turkmenistan's cooperation with reputable international organizations on Caspian Sea issues. It was emphasized that, by acceding to a number of United Nations international environmental conventions, Turkmenistan consistently fulfils its international commitments in the fields of sustainable development and environmental protection while further strengthening effective cooperation with the international community in these areas.

The meeting also addressed preparations and organizational matters related to events dedicated to the Caspian Sea Day.

Particular attention was paid to issues concerning the further development of the Commission's activities on a scientific basis, as well as the expansion of cooperation with international organizations in this field.

# ÝUNESKO-NYŇ IŞLERI BARADA TÜRKMENISTANYŇ MILLI TOPARYNYŇ NOBATDAKY MEJLISI GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 20-nji iýulynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

Mejlisiň dowamynda 2026-njy ýylyň birinji ýarymynda alnyp barlan işleriň jemleri ara alnyp maslahatlaşyldy, şeýle hem Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga gönükdirilen ÝUNESKO bilen yzygiderli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ähmiýetini bellediler.

Aýratyn üns Türkmenistanyň Yslam dünýäsiniň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynda (ICESCO) synçy döwlet derejesini resmi taýdan almagy bilen baglylykda, ICESCO bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek meselelerine gönükdirildi. Ara alyp maslahatlaşmalaryň çäklerinde ICESCO bilen mundan beýläkki hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlary we mehanizmleri gözden geçirildi.



Şeýle hem mejlisiň barşynda Türkmenistanyň abraýly halkara guramalary bilen halkara hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak boýunça ileri tutulýan wezipeler kesgitlenildi hem-de öňde duran döwür üçin işiň esasy ugurlary bellenildi.

Mejlise gatnaşyjylar bilim, ylym, medeniýet, taryhy-medeni mirasy gorap saklamak hem-de Türkmenistanyň milli gymmatlyklaryny halkara derejede ilerletmek ugurlarynda öňe süren başlangyçlaryny we öz üstüne alan borçnamalaryny durmuşa geçirmek boýunça işi mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň möhüm meseleleri maslahatlaşyldy.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Встреча Посла Туркменистана с Вице-министром финансов Республики Казахстан***

23 июля 2026 года состоялась встреча Посла Туркменистана Б.Реджепова с Вице-министром финансов Республики Казахстан Е.Биржановым.

В ходе встречи стороны обсудили актуальные вопросы двустороннего сотрудничества в таможенной и налоговой сфере, включая развитие взаимодействия между профильными ведомствами, а также укрепление транзитно-транспортного и торгово-экономического сотрудничества между двумя государствами.

Также были затронуты перспективы активизации обмена делегациями между компетентными органами двух государств для обсуждения вопросов, представляющих взаимный интерес и обмена передовым опытом.

По итогам встречи была подтверждена взаимная заинтересованность в дальнейшем расширении сотрудничества и продолжении взаимодействия по вопросам, представляющим взаимный интерес.

***Туркменистан рассматривает ЧМ по конному спорту в Нидерландах как площадку для укрепления дружбы между странами***

Чемпионат мира по конному спорту и красоте среди ахалтекинских скакунов, который планируется провести в сентябре 2026 года в Нидерландах, рассматривается Туркменистаном не только как культурное и спортивное событие, но и как площадка для укрепления дружбы между двумя странами. Об этом говорится в сообщении посольства Туркменистана в Нидерландах по итогам встречи посла Сапара Пальванова с заместителем министра иностранных дел Нидерландов, генеральным директором по политическим вопросам Йостом Фламандом.

«Предстоящий чемпионат рассматривается не только как значимое культурное и спортивное событие, но и как важная площадка для укрепления дружбы и взаимопонимания между народами Туркменистана и Нидерландов, расширения гуманитарных связей и дальнейшей популяризации ахалтекинской породы на международном уровне», – говорится в сообщении.

Соревнования пройдут на базе конноспортивного комплекса Peelbergen в провинции Лимбург. Как отмечается в сообщении, это будет первое в истории международное соревнование такого масштаба среди ахалтекинских скакунов, проводимое за пределами Туркменистана. Ожидается, что мероприятие соберет в Нидерландах представителей этой породы лошадей из разных стран мира.

В ходе переговоров стороны также обсудили перспективы развития политического, торгово-экономического и культурно-гуманитарного сотрудничества. В частности, речь шла о возможности проведения в Гааге туркмено-нидерландского делового форума с участием представителей государственных структур и деловых кругов двух стран. Отмечается, что такой форум может придать дополнительный импульс двустороннему торгово-экономическому взаимодействию и способствовать реализации в Туркменистане совместных проектов с использованием нидерландских технологий.

Кроме того, стороны обменялись мнениями о сотрудничестве в области управления водными ресурсами, внедрения водосберегающих технологий и адаптации к изменению климата.

Посол также провел отдельную встречу с руководителем подразделения по мероприятиям высокого уровня департамента протокола МИД Нидерландов Бобом Аалом, в ходе которой обсуждались организационные и технические вопросы подготовки визитов делегаций высокого уровня. Нидерландская сторона выразила готовность к дальнейшему конструктивному взаимодействию по подготовке предстоящих мероприятий.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***